# Putin öňki owgan goşunyna isleg bildirýär!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Putin öňki owgan goşunyna isleg bildirýär! PUTIN ÖŇKI OWGAN GOŞUNYNA ISLEG BILDIRÝÄR!




Ukrainada göz öňünde tutan maksadyna ýetip bilmedik Russiýanyň prezidenti Wladimir Putin goşunyny güýçlendirmek üçin häzire çenli kän emele ýüz urup gördi, meselem, Ukraina çozan badyna Siriýadan müňlerçe esger getirdi, yzyndan wepaly nökeri Ramazan Kadyrowyň şu günler üçin taýýarlan çeçen urşujylarynyň podrazdeleniýelerini fronta ugratdy.
Bular netije bermänsoň, bu gezek bölekleýin mobilizasiýa yglan etdi. Bu gezegem urşa gidesi gelmeýän ýüz müňlerçe ýaş rus ýigidi Gürjüstan, Ermenistan, Gazagystan ýaly öňki sowet respublikalaryna geçmäge başlady. Netijede serhet ýakalarynda kilometrlere uzaýan dyknyşyklar emele geldi.
Putiniň soňky synanşygy ukrain frontundaky rus goşun bölümlerini güýçlendirmek üçin öňki owgan goşunynyň kommandos güýçlerini öz tarapyna geçirmek.
Şu maksat bilen herekete geçen «ВАГНЕР» paramilitar rus kompaniýasy Eýrana sygynan öňki owgan kommandoslaryny öz tarapyna çekmek üçin işe girişdi.
«ВАГНЕР» birinji tapgyrda müň adam, ikinji tapgyrda-da ýene müň adam alyp, 2 müň adamlyk owgan batalýonyny döretmek isleýär.
«ВАГНЕР»-e goşulan öňki owgan kommandoslaryna 1.500 dollar aýlyk we maşgalalaryna-da Russiýada ýaşamaga rugsat beriler.

Mälim bolşy ýaly, NATO we amerikan goşuny Owganystanda soňky 20 ýylda müňlerçe harby gullukçy we polisiýa işgäei bilen bir hatarda ýüz müňe golaý ýörite kommandos (спецназ) ýetişdiripdi.
2021-nji ýylyň 15-nji awgustynda Talibanyň Kabula girmeginden soň howpsuzlyk güýçleri bilen bir gatarda kommandoslaram çar ýana pytrapdy. Käbirleri ýaraglary we awtoulaglary bilen bile Täjigistan, Özbegistan, Eýran ýaly goňşy ýurtlara siňse, käbirleri aýak ýeterden çet obalara siňdi.
Kommandoslaryň esasy düzümi-de NATO-dyr amerikan uçarlary tarapyndan daşary ýurtlara çykaryldy.
Öňki owgan güýçleriniň iň köp siňen we üýşen ýurdy-da Eýran boldy.
Bu ýagdaýdan peýdalanmak islän eýran hökümeti owgan esgerlerini Siriýa we Ýemene ugratmagyň kül-külüne düşdi.
Emma owganlaryň aglaba bölegi Ýakyn Gündogardaky uruşlara gatnaşmaga höwesli däl. Ýöne wagt geçdigiçe öňki esgerleriň üstündäki basyşlaram artdy. Bir ýandan eýran hökümetiniň (ýa aýdanymyzy ediň-de ýurtdan çykyş diýen ýaly) basyşy, bir ýandanam barha kynlaşýan güzeran gaýgysy esgerleri kyn saýlawlar bilen ýüzbe-ýüz edip goýdy.
Ine, hut şular ýaly ýagdaýda-da ruslaryň «ВАГНЕР» paramilitar topary bir ýerden çykyp geldi-de, has oňaýly teklipleri orta oklady.
Owganlar öz aralarynda urşup-gyrlyşyp ýören halkam bolsa, hiç wagt ýurduň daşyndaky çaknyşyklara gatnaşmandylar. Ýöne bu gezek ýagdaý başgaça.
Onsoňam öňki owgan hökümetinden birnäçe adamyň umyt edişiniň

tersine, Taliban režimi bu golaýlarda ýok bolup gitjege meňzemeýär. Hem owgan oppozisiýasy-da eýýäm bir ýyldan gowrak wagt geçendigine garamazdan henizem jemlenişip, aýaga galyp bilenok.
Daşarky dünýä-de Owganystandaky tükeniksiz çaknyşyklardan halysalla ýadady. Şonuň üçin owgan oppozisiýasyna hiç kim ýüz berenok.



*Täjigistana gaçan öňki owgan wertolýot sürüjileri /* ***Fotosurat: BBC***

Ýagdaý şeýle bolansoň, goňşy ýurtlara siňen ýüz müňlerçe owgan esgeri-de indi öz başyny çaramaga mejbur bolýar.
Elbetde, owganlaryň Russiýa ýaly basybalyjy güýjüň tarapynda we hyzmatynda bolaslary gelenok. Emma ukrain fronty köp sanly owganystanly üçin täze mümkinçilikleriň gapysyny açýar.
Aýda 1.500 dollarlyk aýlyk bilen birnäçe aýlap çagalaryny ekläp bilerler hem-de Günbatara aşmak mümkinçiligi dörär.
Owganystanly köp esger Russiýanyň tarapynda urşansyran bolup, front meýdanynda pursatyny tapan basyna, üýşüp Ukrainanyň tarapyna geçmegiň we soňam Günbatara özlerini atmagyň pikirinde.
Onsoňam, Germaniýa ýaly ýurtlar uruşdan we frontdan gaçan ruslara ýa-da rus goşunyndaky esgerlere syýasy gaçybatalga bermäge taýýardyklaryny mälim edipdiler.



*Maýor Esedulla Oguz Owganystanda iş başynda (2006)*

Nähili täsin: arasynda türkleriñem bolan NATO ofiserleri ýigrimi ýyllap owgan esgerlerine öz ýurtlaryny goramagy üçin tälim beripdiler.

Soñ bir gün olaryñ ruslaryñ tarapynda Günbatara garşy söweşjekdiklerini düýşlerinde görselerem ynanmazdylar. Ýöne durmuş sýurprizler bilen doly bolýar.

Putiniñ owgan synanşygyndanam, mundan öñki synanşyklary ýaly netije çykmazmyka diýýärin. Ahyrynda gynanjak tarap ýene ruslaryñ özi bolar.



*Owganystanyñ öñki Goranmak ministri Bismillah han goragçy serkerdesi Nebi Güýçlä «Hormat haty» gowşuryp durka*

Owganlaryñ häzirki ýagdaýy batan kärhananyñ ýagdaýyny ýatladýar. Kärhanada derege ýarajak harytlaryñ bireýýäm ýoguna ýanylypdyr, ýöne şonda-da elinde galan iñ soñkuja odur-budury üçinem käte garaşylmadyk ýerden müşderi çykaýýar.

Sebäp, hernäçe derege ýaramajak ýaly bolup görünse-de, bazara çykarsañ islendik harydyñ müşderisi tapylýar. Munuñ üçin diñe

amatly wagtyna garaşyp oňarmak gerek.
Ýigrimi ýyllap uruş üçin taýýarlanan owganlar dünýä olary ýatdan çykaryp özbaşlaryna taşlap giden wagty, birdenkä ruslaryň gözünde gymmaty artdy duruberdi.
Owganlaryň oňat we ukyp-başarnykly urşujylar bolmagy mümkin. Emma bärde ruslaryň bilmeýän bir zady bar: Owganystanda hemmeler uruşdan ýadady, indi hiç kimsäniň urşasy gelenok.
Talibanyň özüne çenli ýurdy söweşip däl-de, gizlin we aýlawly ýollar arkaly eýeledi.
Putin üçin iň gowsy owganlardan daşda durmak. Eger muňa ynanmasa, KGB-niň arhiwiniň Owganystan boýunça materiallaryna göz gezdiräýsin, megerem, oňa şolam ýeterlik bolarmyka öýdýän.

Esedulla OGUZ,
Türkiýeli türkmen žurnalisti.

08.11.2022 ý. Publisistika